# Iki dürli dünýä: Ylym we din

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Iki dürli dünýä: Ylym we din IKI DÜRLI DÜNÝÄ: YLYM WE DIN




*Diniñ sakasy hudaýtarapynam bolsa, dini ylymlar adamzadyñ öz döreden zadydyr we köstsüz hasaplap bolmaz*

Bu ýazgy din bilen ylmyñ arasyndaky funksiýa, gymmatlyk we gözleg usullary, aýratynam tankydy serişdeler taýdan seljerilmeginiñ gerekdigini aýdyñlaşdyrmagy maksat edinýär.

Ylmyñ diniñ bir şahasydygyny, diniñ ylma goldanýandygyny aýdýanlar bilen jedelleşmek islämzok. Beýtmek köplenç ýerliksiz gury jedellere alyp barýar.

Mysal üçin, käbirleriniñ «Alla Adam ata ähli atlary öwretdi» aýatynyñ ylmyñ we diniñ bir sakadan gaýdýandygyny we diñe şu sebäpli aýrylmaz baglanyşyklydygynyñ subutnamasydygyny görkezjek bolup kejeñeklik edişleri ýaly.

Bular ýaly jedelleriñ netijesi-de bolmaýar, peýdasy-da.

Belki, biri şeýle diýibem biler:

– Aýdaly, şu girişi kabul etdik, onda bu jedelleriñ nämä geregi bar? Bu jedeller ýüzlerçe ýyllap ýatanok we hiç hili netije-de berenok.

Şu soraga jogap edip, bu jedeliñ maksadynyñ şu we şuña meñzeş

meselelere baha berende duýguçyl täsirleri gyraklatmakdygyny aýdyp bilerin.
Megerem, bu täsirler täze pikirlere garşy şübheçilikden gelip çykýar, aýratynam uzak wagtlap üýtgewsizligine galan meseleleriñ üstünde durup geçende.
Ýagdaýyñ reallygy bize ylmy din bilen baglanyşdyrma hötjetligininiñ problemalar bilen ýüzleşmek üçin gerekli ylmy logikanyñ gyraklanmagyna getirýändigini görkezýär.
Göýä ýalta akyl özüne şeýle diýýän ýaly:
– Problemalary nämälimlige baglap, arkaýyn çözgüt tapyp bilýän bolsak, nämüçin özümizi ygtybarsyz çözgütleriñ gözlegine itermeli?
Belkäm, käbirlerimiziñ koronawirus ýokanjy döwründe metjitleriñ we köpçülik ýerleriñ ýapylmagyny öñe sürenleri ýazgaran wagyzçy ýadyna düşýändir.
Wagyzçy epidemiýanyñ anyk eminiñ ýokanç kesele ýoluganlara şypa bermegi üçin Hudaýa ýalbarmalydygyny we welilerden haraý islemelidigini aýdypdy. Munuñ diñe ybadathanalaryñ ybadat we doga-dileg etjekler üçin açyk galdyrylmagy bilen mümkin boljakdygyny sözüniñ üstüne goşupdy.
Wagyzçynyñ aýtmagyna görä, «Kesel ybadathanalarda däl, günä işleriñ edilýän ýerlerinde bolýar. Kesel dep ediljek ýerine gelmeýär!»




Munuñ başga bir mysaly-da, asyrlar boýy dowam edip gelen ylalaşykdyr: Din ylmy geçmişde ýaşap geçen alymlaryñ goýup giden çäklerinden añry geçmeli däldir.
Şonuñ üçin döwürdeş ylmy-barlagçylar birmahalkylaryñ aýdan sözlerini düşündirmek-şerh etmek, bulary tassyklamak ýa-da biraz üýtgetmek bilen çäklendi we seýrek ýagdaýda olary püçege çykarýan ýa-da olara düýbünden garşy çykýan alternatiwalary öñe sürmäge synanyşdy.
Başgaça aýdanda, häzirkizaman din ylmy gadymy doganynyñ nusgasy bolmakdan añry geçip bilenok. Bu düşünjäniñ ýaýrawy we dini kwalifikasiýa girendigi sebäpli, arap bilim we ylmy-barlag ulgamlarynyñ köpüsine aralaşypdyr.
Şonuñ üçinem gadymy ylym tankydy we jedelli tema hökmünde däl-de, ylmy-barlagçynyñ esas edinen ýa-da yzyna öwrülen

subutbamasy hökmünde köp ylmy barlagda bar.
Ýogsam bolmasa, logiki kada täze ylmyň öňküsinden has kemçiliksizdigini öňe sürýär.
Ylym we dünýä funksional taýdan biri-birinden aýry iki dünýädir.
Ylmyň maksady hereket edýän we galyba giren zatlary püçege çykarmak we has gowy zat bilen çalşyrmak bolandygy üçin köp subutbamasy we işi öwrenmäge, seljermäge, puja çykarmaga we alternatiwalary gözlemäge üns berýär.
Diniň funksiýasy bolsa bolsa muňa doly çaprazdyr. Din adama ymykly bir ýoly salgy berýär, ýagny, adamyň eksiztensial sowallaryna jogap berýän takdyra goltgy berýän köpgyraňly nukdaýnazar.
Şerigat şol bir wagtyň özünde hukugyň pelsepewi esasyny we adam jemgyýetindäki şahsy we kollektiwleýin hereket kadalaryna laýyk mazmuny-da hödürleýär.
Adam bilen onuň ýaşaýan äleminiň arasyndaky gatnaşyk wagtal-wagtal üýtgedip bolýan garaýyşlardan däl.
Şeýle-de, üýtgedilip, üsti ýetirilip durulmaly diýsegem, yzygiderlilik hukugyň tebigatynyň aýrylmaz bölegidir.
Funksional tapawutlylygy sebäpli dinde ylmy-barlag täri ylymdakydan üýtgeşikdir.
Bärde din bilen dini ylmyň arasyndaky tapawudyny seljermegiň gerekdigine ünsi çekmeli. Diniň sakasy hudaýtarapynam bolsa, dini maglumatlar adamzadyň öz döreden zadydyr we köstsüz hasaplap bolmaz. Şonuň üçinem dini ylym adaty ylymlarda ulanylýan birmeňzeş düzgünlere we serişdelere dahyllydyr.
Tewfik SEÝF,
Saud Arabystanly žurnalist, ýazyjy.

Anna, 25.08.2023 ý. Edebi makalalar